***Gyşky oýunlar sport toplumynda daşary ýurtly estrada aýdymçylarynyň konsertleri 28-nji dekabrda sungat äleminde «Mot» lakamy bilen meşhur bolan rus aýdymçysy Matweý Melnikowyň şowhunly aýdym-sazlary bilen dowam etdi. Aýdym-saz sungatynyň rep we hip-hop žanrlarynda döreden ajaýyp eserleri bilen meşhurlyga eýe bolan Matweý Melnikow türkmen sahnasynda ilkinji gezek çykyş etdi. Onuň konserti aýdym-saz muşdaklary üçin ýatdan çykmajak waka öwrüldi.***

Maglumat hökmünde belläp geçsek, 1990-njy ýylda Russiýa Federasiýasynyň Krasnodar ülkesinde doglan Matweý Melnikowy ene-atasy aýdym-saza çagalykdan höweslendiripdir. Olaryň tagallalary netijesinde ol dürli aýdym-saz gurnaklaryna gatnaýar. Umumy we ýokary okuw mekdeplerini tapawutlanan netijeler bilen üstünlikli tamamlamagy onuň ýokary zehinlidigini görkezýär. Zehiniň we aýdym-saza höwesiň birleşmegi bilen, ol sungatda uly meşhurlyga eýe bolýar.

Aýdymça şöhrat getiren «Soprano», «Solo», «Mama ýa w Dubaýe» aýdymlary tomaşaçylarda uly şowhun döretdi. «Kapkan», «Portret», «Peremeny — eto krasiwo» ýaly aýdymlar hem gyzgyn garşylandy. «Şarady» we «Sluçaýnosti ne sluçaýny» aýdymlary bolsa häzirki wagtda iň köp diňlenilýän halkara aýdym-saz sanawlarynda öňdäki orunlardadyr. Şeýle ajaýyp şüweleň agşamy oňa gelenlerde ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 29.12.2025